# Gijeler garañky bolar…

Category: Kitapcy,Publisisistika,Ýatlamalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gijeler garañky bolar… GIJELER GARAÑKY BOLAR…




Yşyk syzylyp çykar käbir penjirelerden…
Tuty tümlüge garşy durar…
Aýdyñlygy ýitiren adamlar öz dynnym ýalyja yşyklaryny ýakypdyrlar…
Gijeler garañky bolar…
Bir pişik ylgar trotuardan trotuara…
Uzakdan gelen zibil maşynynyñ sesi eşdiler bir ýerlerden..
Köçäniñ bir ujunda ýanyp duran çyra… Gün dogup-dogmanka öz-özünden öçer…
Gijeler garañky bolar…
Ýassyklara goýlan kellelerde gaýmalaşýan hyýallar…
Ajap arzuwlar garañkylyga garamazdan edilýär…
Şäheriñ üstünde ganat kakyp uçup ýörensiñ, baý bolansyñ, toý tutýansyñ, ekzamenlerden geçýänsiñ, tans edýänsiñ, söýüşýänsiñ, körpeleriñ täze topy, ululary ñ awtoulagy bolar…
Bir seredersiñ, ýalta iniñ inžener bolandyr…
Käwagt ýassyklar öllener gijelerde…
Ýatlamalar esasan gijelerine gelýär, emaý bilen…
Bir ene “Gijä galaýma” diýip gygyrýar… Bir çaga üç tigirli welosipeddedir… Bir söwer ýar bireýýäm gidendir… Barlaryñ birinde gyzyl köýnek aýdymçy gyz şol bir köýneginde otuz ýyl bäri şol bir aýdymy aýdyp oturandyr…
Wyždan iñ köp gijelerine dymýan däldir…
Göresimiz gelýän zatlary birin-birin tapyp getirmek gijeleriñ

häsiýetidir…
Agzyny açanlary alyp gitdiler…
Türmeler müňlerçe bigünä adamlardan doly…
Hukugyň agzy ýelimlendi, diňe güýçliniň aýdany bolýar…
Eneleriniň gujagynda türmelere bent bolan bäbejikler-de bar, neressejikler türmäniň darajyk hüjrelerinde gijelerine hasam köp aglaýandyrlar…
Tegelek üç müň sany ene garaňky gijelerde boş otaglara geçip, watan goragynda şehit bolan ogullarynyň ýassygyny gujaklap-ysgap aglaýandyr…
Parça-parça edilen adamlar biri-birine duşman…
Käbir adamlar «bu bolşumyz bilen oňlulygyň üstünden barmarys, uruş turaýmasa» diýýär…
Gepiň keltesi, ýurdumyz başymyza düňderilýär…
Unutma, janjagazym… Ogry garaňkylygy söýýändir… Dar agaçlary gije dikilýär… Garakçylar hemişe garaňkyň düşerine garaşdylar…
Gijeler garaňky bolýar…
Bekir JOŞKUN.

«SÖZCÜ» gazeti, 29.03.2017 ý. Publisistika